**TÜRKMENISTANYŇ SAGLYGY GORAÝÝŞ WE DERMAN SENAGATY MINISTRLIGI**

744036 Aşgabat (1970) Arçabil şaýoly, 20
tel/faks: (+810 993 12) 40-04-46, 40-04-16, 40-04-07

**MINISTRY OF HEALTH AND MEDICAL INDUSTRY OF TURKMENISTAN**

20, Archabil av, (1970) Ashgabat, 744036
tel/faks: (+810 993 12) 40-04-46, 40-04-16, 40-04-07

**№ 371** **«16» noýabr 2017 ý.**

# B U Ý R U K

**“Türkmenistanda 2017-2025-nji ýyllar döwür ücin mikroblara garşy dermanlara durnuklylygyň döremegine garşy hereketleriň Milli strategiýasyny tassyklamak barada”**

“Raýatlaryň Saglygyny goramak hakynda” Türkmenistanyň Kanunyny, “Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin baş ugry” Milli maksatnamasyny we Türkmenistanyň Prezidentiniň “Saglyk” Döwlet maksatnamasyny durmuşa geçirmek, we saglygy goraýyş edaralarynyň barlaghanalarynda alynyp barylýan işleriniň hilini kämilleşdirmek, saglygy goraýyş edaralaryň işini döwrebap guramak maksady bilen,

## T A S S Y K L A Ý A R Y N:

1. “Türkmenistanda 2017-2025-nji ýyllar döwür ücin mikroblara garşy dermanlara durnuklylygyň döremegine garşy hereketleriň Milli strategiýasyny (goşundy №1).
2. “Türkmenistanda 2017-2025-nji ýyllar döwür üçin mikroblara garşy dermanlara durnuklylygyň döremegine garşy hereketleriň Milli strategiýasyny durmuşa geçirmek boýunça çäreleriň Meýilnamasyny” (goşundy №2).
3. “Türkmenistanda 2017-2025-nji ýyllar döwür üçin mikroblara garşy dermanlara durnuklylygyň döremegine garşy hereketleriň Milli strategiýasyny durmuşa geçirmek boýunça çäreleriň ornaşdyrylmagyna monitoringi we baha berişi geçirmegiň Meýilnamasyny” (goşundy №3).

## B U Ý U R Ý A R Y N:

1. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty Ministriň orunbasary T. Silliýewe:

1.1.Ýokarda tassyklanan “Mikroblara garşy dermanlara durnuklylygyň döremegine garşy hereketleriň Milli strategiýasyny” gyşarnyksyz ýerine ýetirilmegini üpjün etmeli.

2. Ähli Saglygy goraýyş edaralarynyň başlyklaryna, Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň Jemgyýetçilik saglygy we iýmit merkeziniň başlygy A. Öwezowa, Aýratyn howply ýokanç keselleriň öňüni alyş merkeziniň başlygy K. Mawlanowa, Derman serişdelerini hasaba alyş we olaryň hiline döwlet gözegçiligi merkeziniň direktory Ö. Owwadowa, Baş dermanhana birleşiginiň direktory B.Meýmanowa, Ýokanç keselleri merkezleri müdirýetiniň Baş müdiri M.Mämmedowa, Halkara okuw-ylmy merkeziniň direktoryň orunbasary A. Seitmedowa, Türkmenistanyň Döwlet Lukmançylyk uniwersitetiniň rektory A. Orazalyýewa:

2.1. Ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamynda ýokançlaryň derman serişdelerine durnuklylygy babatda saglygy goraýyş edaralaryň barlaghanalarynda alynyp barylýan işleriniň hilini kämilleşdirmegi we işe ornaşdyrylmagyny üpjün etmeli;

2.2. “Türkmenistanda 2017-2025-nji ýyllar döwür üçin mikroblara garşy dermanlara durnuklylygyň döremegine garşy hereketleriň Milli strategiýasyny durmuşa geçirmek boýunça çäreleriň Meýilnamasyny” durmuşa geçirilmeginiň gidişiniň seljermesini ara alyp maslahatlaşmak boýunça her 6 aýdan Milli işçi toparynyň yzygiderli mejlislerini geçirmegi üpjün etmeli.

3. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň okuw mekdepleri, ylym we işgärler bölüminiň başlygynyň w.w.ýe.ýe B. Annaýewa:

3.1. Şu buýrugy Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň degişli edaralaryň ýolbaşçylarynyň dykgatyna ýetirmeli.

4. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine gözegçiligi Ministriň orunbasary T. Siliýewe tabşyrmaly.

**Ministr** **N. Amannepesow**

**TÜRKMENISTANYŇ SAGLYGY GORAÝYŞ WE DERMAN SENAGATY MINISTRLIGI**

**DÖWLET ARASSAÇYLYK WE KESELLERIŇ ÝAÝRAMAGYNA GARŞY GÖREŞMEK GULLUGY**

# TÜRKMENISTANDA 2017-2025-NJI ÝYLLAR DÖWÜR ÜÇIN MIKROBLARA GARŞY DERMANLARA DURNUKLYLYGYŇ DÖREMEGINE GARŞY HEREKETLERIŇ MILLI STRATEGIÝASY

**AŞGABAT 2017 ý.**

**Türkmeistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň 2017-nji ýylyň noýabr aýynyň “16” №371 belgili buýrugyna 1-nji goşundy**

# TÜRKMENISTANDA 2017-2025-NJI ÝYLLAR DÖWÜR ÜÇIN MIKROBLARA GARŞY DERMANLARA DURNUKLYLYGYŇ DÖREMEGINE GARŞY HEREKETLERIŇ MILLI STRATEGIÝASY

**AŞGABAT 2017 ý.**

## Adalgalaryň gysgaltmasy

| | |
|---|---|
| **MS** | Türkmenistanda 2017-2020-nji ýyllar döwür üçin mikroblara garşy dermanlara durnuklylygyň döremegine garşy hereketleriň milli strategiýasy |
| **ÇM** | Türkmenistanda 2017-2020-nji ýyllar döwür üçin mikroblara garşy dermanlara durnuklylygyň döremegine garşy hereketleriň milli strategiýasyny durmuşa geçirmek boýunça çäreleriň meýilnamasy |
| **MGDD** | Mikroblara garşy dermanlara durnuklylyk |
| **MGDS** | Mikroblara garşy derman serişdeleri |
| **MGDB** | Mikroblara garşy dermanlara duýgurlygyna geçirilýän barlaglar |
| **MGDDÝ** | Mikroblara garşy dermanlara durnuklylygyň ýaýramagy |
| **TSG we DSM** | Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty Ministrligi |
| **DAweKÝGGG** | Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugy |
| **AweKÝGGG** | Arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugy |
| **TDLU** | Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersiteti |
| **DHM** | Derman serişdelerini döwlet hasaba alyş we lukmançylyk niýetli önümleriň, lukmançylyk tehnikasynyň we ýokançsyzlandyryjy serişdeleriň hiline döwlet gözegçiligi merkezi |
| **ÝGK** | Ýokançlara gözegçilik edýän komitet |
| **BÖAE** | Bejeriş-öňüni alyş edaralary |
| **AHÝKÖAM** | Aýratyn hopwly ýokanç keselleriň öňüni alyş merkezi |
| **JSweIM** | Jemgyýetçilik saglygy we iýmit merkezi |
| **BSGA** | Bütindünýä Saglygy Goraýyş Assambleýasy |
| **BSGG** | Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy |
| **BSGG ÝSB** | Bütindünýä Saglygy Goraýyş guramasynyň Ýewropa sebitleýin býurosy |
| **ESAC-Net** | Mikroblara garşy dermanlara durnuklylygya epidemiologiki gözegçilik boýunça Ýewropa ulgamy |
| **ECDC** | Ýewropanyň keselleriň öňüni alyş we gözegçilik merkezi |

| | |
|---|---|
| **CAESAR** | Merkezi Aziýanyň we Gündogar Ýewropanyň ýurtlarynda mikroblara garşy dermanlara durnuklylyga epidemiologiki gözegçilik boýunça ulgam |
| **ESCMID** | Ýewropanyň kliniki mikrobiologiýa we ýokanç keseller jemgyýeti |
| **RIVM** | Niderlandlaryň jemgyýetçilik saglygy we daşky gurşaw Milli instituty |
| **ISGAK** | Ilkinji saglygy goraýyş-arassaçlyk kömegi |
| **TEDSMS** | Türkmenistanyň esasy derman serişdeleriniň milli sanawy |
| **TDSMF** | Türkmenistanyň derman serişdeleriniň milli formulýary |
| **IGG** | Inçekesele garşy gulluk |
| **LKF** | Lukmanlary kämilleşdiriş fakulteti |
| **IK** | Inçekesel |
| **DKD-IK** | Dermanlara köpçülikleýin durnukly inçekesel |
| **DEG** | Döwlet epidemiologiki gözegçiligi |
| **HGS** | Hususy gorag serişdeleri |
| **KP** | Ambulatoriýa we hassahana tejribesinde giňden ýaýran ýokanç keselleriniň bejergisinde MGDS rejeli ulanmak boýunça kliniki protokollar |
| **SMB** | Supramilli barlaghana |
| **MIT** | MGDD meseleleri boýunça milli iş topary |
| **EUCAST** | Mikroblara garşy dermanlara duýgurlylygy kesgitlemek boýunça Ýewropa komiteti |
| **GLASS** | Mikroblara garşy dermanlara durnuklylyga epidemiologiki gözegçiligiň global ulgamy |
| **DHM** | TSG we DSM-niň derman serişdelerini döwlet hasaba alyş we lukmançylyk niýetli önümleriň, lukmançylyk tehnikasynyň we ýokançsyzlandyryjy serişdeleriniň hiline döwlet gözegçilik merkezi |
| **SGHM** | TSG we DSM-niň Saglygy goraýşyň Habarlar merkezi |
| **TOSHM DWG** | Türkmenistanyň oba we suw hojalygy ministrliginiň Döwlet weterinariýa gullugy |
| **M we BB** | Monitoring we baha beriş |
| **SGKBBÝ** | Saglygy goraýyş kömeginiň berilmegi bilen baglanyşykly ýokanç |

# TÜRKMENISTANDA 2017-2025-NJI ÝYLLAR DÖWÜR ÜÇIN MIKROBLARA GARŞY DERMANLARA DURNUKLYLYGYŇ DÖREMEGINE GARŞY HEREKETLERIŇ MILLI STRATEGIÝASY

## 1-nji bölüm. GIRIŞ

### Häzirki ýagdaý we esasy meseleler

Mikroblara garşy dermanlara durnuklylygyň giňden ýaýramagy (MGDD) ýa-da mikroblara garşy dermanlara durnuklylyk[1] (MGDD), milli araçäkleri bilmeýär we, milli, sebitleýin we global derejelerde gaýragoýulmasyz çäreleriň geçirilmegini talap edýän göwrümi eýeledi.

Mikroblara garşy dermanlara durnuklylygyň ýüze çykmagy, mikroblara garşy dermanlaryň (MGD) ulanylmagyna ýeke-täk biologiki jogap bolup durýar we ulanylmagy netijesiz bolýan, şonuň bilen birlikde hem, mikroorganizmleriň durnukly ştammlarynyň saýlanmagyna, diri galmagyna we köpelmegine itergi berýän, ýaşaýyş üçin wajyp dermanlaryň sany köpelýär. Saýlanylan mikroblara garşy derman serişdeleriniň netijesiz bolan ýagdaýynda, köplen ýagdaýlarda has gymmat bahaly, howpsuz bolmadyk we hemişe elýeterli däl dermanlaryň ikinji ýa-da üçünji hataryndan serişdeleri ulanmaly bolýar.

Mikroorganizmleriň durnukly ştammlary sebäpli ýüze çykýan ýokanç keseller näsagyň hassahanada bolmagynyň dowamlylygyny köpeldýär, näsaglar üçin keseliň çaklamasyny erbetleşdirýär. Bularyň ählisi göni we göni bolmadyk ykdysady çykdajylary köpeldýär, şeýle hem jemgyýetde durnukly ştammlaryň ýaýramagynyň töwekgelligini ýokarlandyrýar. Antibiotiklere durnuklylyk has ýokary ösen we industrial ýurtlara, şeýle hem dünýäniň ösüp barýan ýurtlaryna degişli bolýar we ägirt sosial-ykdysady ähmiýete eýe bolýar we dünýäniň ösüp barýan ýurtlarynyň milli howpsuzlygyna abanýan töwekgellik hökmünde seredilýär.

Bütindünýä Saglygy Goraýyş Assambleýasynyň (BSGA) 1998-nji ýyldaky rezolýusiýasy agza-döwletleri şulary ýerine ýetirmäge çagyrdy: mikroblara garşy dermanlaryň maksada laýyk we rentabelli (peýdaly) ulanylmagyna itergi bermek boýunça çäreleri işläp taýýarlamagy; saglygy goraýyşyň ýokary derejeli hünärmeni tarapyndan bellenilmedik ýagdaýynda mikroblara garşy dermanlaryň taýýarlanylmagyny gadagan etmegi; ýokançlaryň ýaýramagynyň öňüni alyş tejribesini gowulandyrmagy we, muňa baglylykda, durnukly patogen mikroorganizmleriň ýaýramagynyň öňüni alyş çärelerini gowulandyrmagy; mikroblara garşy galplaşdyrylan dermanlaryň öndürilmeginiň, satuwynyň we ýaýradylmagynyň, mikroblara garşy dermanl;aryň “gara” bazarda satuwynyň öňüni almak boýunça kanunçylygy güýçlendirmegi; şeýle hem azyk maldarçylygynda mikroblara garşy dermanlaryň ulanylmagynyň azaldylmagyna çagyrdy. Ýurtlar şeýle hem durnukly patogen mikroorganizmleriň ýüze çykarma

ulgamynyň ösdürilmegine, mikroblara garşy dermanlaryň göwrümlerine we ulanyş modellerine gözegçilik edilmegine we gözegçilik çäreleriniň netijelerini gözegçilikde saklamaga çagyryldy.

2011-nji ýylyň sentýabr aýynda BSGG-nyň Ýewropa sebitiniň ähli 53 sany ýurtlary antibiotiklere durnuklylyk meselesi boýunça Ýewropanyň strategiki meýilnamasyny tassykladylar[2]. 2015-nji ylyň maý aýynda Bütindünýä saglygy goraýyş assambleýasynyň altmyş sekizinji sessiýasynda WHA68.7 rezolýusiýasynda mikroblara garşy derman serişdelerine durnuklylyga garşy göreşmek boýunça hereketleriň global meýilnamasy makullanyldy (A68/20 resminama)[3]. MGDD döremeginiň salýan agyr howpuna global taýdan düşünilmegi gitdigiçe köpelýär we bütin dünýäde, MGDD garşy göreş çärelerine işjeň gatnaşýan ýurtlaryň sany köpelýär. MGDD gelejekde getirjek netijelerini we umuman alnanda köp ulgamlaryň we jemgyýetleriň bu meselä reagirlemeginiň ýiti zerurlygyny ünse almak bilen, 2016-njy ýylyň 21-nji sentýabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynda ara alnyp maslahatlaşylan, saglyk bilen baglanyşykly dördünji mesele MGDD-nyň meselelerine bagyşlandy. Ähli ýurtlary we gyzyklanýan taraplary MGDD-nyň döremegine garşy jogap çärelerini çältlandyrmaklyga we güýçlendirmeklige we MGDD garşy göreş boýunça hereketleriň global meýilnamasynyň durmuşa geçirilmegine ýardam bermeklige çagyrýan syýasy deklarasiýa (jarnama) onuň netijesi boldy.

Mikroblara garşy dermanlara durnuklylygy saklamak boýunça Bütindünýa Saglygy Goraýyş Guramasynyň hereketleriň global meýilnamasy bu meselä dolanyp gelýär. Meýilnamada mikroblara garşy dermanlara durnukly mikroorganizmleriň ýüze çykmagyny we ýaýramagyny haýallatmak we azaltmak üçin, şu aşakdakylaryň üsti bilen geçirmeli birnäçe çäreleriň hödürleýär:

- keselçiligi we ýokançlaryň ýaýramagyny azaltmak;
- mikroblara garşy degişli dermanlara elýeterliligi gowulandyrmak;
- mikroblara garşy dermanlaryň ulanylyşyny gowulandyrmak;
- saglygy goraýyş ulgamlaryny we olaryň gözegçilik etmäge bolan ukyplylygyny güýçlendirmek;
- düzgünleşdirişi we kanunçylygy berkitmek;
- täze, degişli dermanlaryň, waksinalaryň we anyklaýyş serişdeleriniň ösdürilmegine goldaw bermek.

---

[1] *Mikroblara garşy dermanlara durnuklylyk, ýokançlara garşy islendik dermanlara, şol sanda kömeleklere, bakteriýalara, parazitlere garşy dermanlaryň netijeliliginiň peselmegini aňladýar. Antibiotiklere garşy durnuklylyk diňe dermanlaryň bakteriýalara garşy dermanlara durnuklylygyny aňladýar.*

[2] *Antibiotiklere durnuklylyk meselesi boýunça Ýewropanyň hereketleriň strategiki meýilnamasy [http://www.euro.who.int/](http://www.euro.who.int/) data/assets/pdf file/0011/147737/wd14R AntibioticResistance 11383 lko.pdf*

[3] *Mikroblara garşy dermanlara durnuklylyga garşy göreş boýunça hereketleriň global meýilnamasy [http://apps.who.int/iris/bitstream/10665/254884/1/978924509760-rus.pdf?ua=1](http://apps.who.int/iris/bitstream/10665/254884/1/978924509760-rus.pdf?ua=1)*

Ýokarda aýdylanlary nazara almak bilen, agza-döwletleri milli, sebitleýin we ýerli derejelerde MGDD-nyň gelejekde döremeginiň öňüni almak maksady bilen gyssagly çäreleri görmäge çagyrmak barada çözgüt kabul edildi, şol sanda:

- mikroblara garşy dermanlara durnuklylygy haýallatmak boýunça milli meýilnamalary we strategiýalary işläp taýýarlamaklyga ýa-da berkitmäge we halkara hyzmatdaşlygyny berkitmäge;
- ýönekeý gigiýenanyň çäreleriniň ulanylmagyny öz içine alýan, dürli usullaryň kömegi bilen, ýokançlaryň öňüni almak we olara gözegçilik etmek ulgamynda gaýra goýulmasyz çäreleri görmäge;
- mikroblara garşy dermanlara durnuklylygy haýallatmak boýunça işi berkitmek maksady bilen, meýilnamalary we strategiýalary amala aşyrmak maksadynda işgärleri we maliýe serişdelerini mobilizasiýa etmegi;
- umuman derman serişdeleriniň dolandyryş ulgamyny düzgünleşdirmegi berkitmegi, şol sanda, mikroblara garşy netijeli dermanlara elýeterliligi üpjün etmek maksady we dermanlaryň bellenilme we goýberilme syýsatyna zyýanly täsirini ýetirip biljek maliýe we beýleki stimullaryny nazara almak bilen olaryň bolmagyny üpjün etmek maksadynda, düzgünleşdirmegiň kadalaşdyryjy ulgamlaryny we getirmeleriň zynjyrynyň guramaçylygynyň mehanizmlerini goşmak bilen berkitmegi;
- mikroblara garşy dermanlara durnuklylygyň derejesine gözegçilik etmeklige, şeýle hem ähli degişli ulgamlarda antibiotikleriň ulanylmagyna yzygiderlilik esasynda gözegçilik etmegi, hususan hem saglygy goraýyş ulgamynda we oba hojalygynda, maldarçylygy hem goşmak bilen, we milli, sebitleýin we global tendensiýalaryny ýüze çykarmak we derňemek maksady bilen beýle maglumatlary alyşmaga;
- lukmançylyk hyzmatlarynyň ähli degişli prowaýderleriniň, döwlet we beýleki ulgamlaryň, we işleriň degişli subýektleriniň (i) mikroblara gaşy dermanlara durnuklylygyny döredýän howp barada, (ii) antibiotikleriň jogapkärçli ulanylmagynyň zerurlygy we (iii) ýokançlaryň öňüni alyş we gözegçilik çäreleriniň wajyplygy barada habarlylygyny ýokarlandyrmak.

BSGG-nyň Ýewropa sebitinde antibiotiklere durnuklylygyň döremegi, hassahana we ambulatoriýa edaralarynda giňden ýaýran ýokançlaryň bejerilmeginde kynçylyklary döredýär, ýagny sepsis ýagdaýlarynyň, respirator ýokançlarynyň we peşew ýollarynyň ýokançlarynyň, jyns ýollary bilen ýokuşýan ýokançlaryň, ýa-da iýmit we suwuň üsti bilen geçýän ýokançlaryň bejergisini çylşyrymlaşdyrýar. Mundan başga-da, dermanlara köpçülikleýin durnuklylygyň döremegi, ýaňy ýakyn wagta çenli, howpsuz, ýa-da düýbünden howpsuz hasap edilýän köp sanly giňden ýaýran lukmançylyk we anyklaýyş amallarynyň ulanylmagynyň netijeleri babatda gitdigiçe uly derejede olara howp salýarlar. Bu bolsa hassahanada bolmagynyň möhletleriniň dowamlylygynyň we bejergi üçin çykdajylaryň köpelmeginiň netijesinde saglyk maksatlary üçin uly çykdajylaryň çekilmegine getirýär, şeýle hem jemgyýet derejesinde hem göni, şeýle hem ýanaşyk baglanyşykly çykdajylaryň çykarylmagyna getirýär.

Birnäçe ýurtlarda antibiotikleriň weterinariýada, iýmit önümlerini öndürmek hajatynda maldarçylykda we oba hojalygynda ulanylmagy, olaryň adamlarda ulanyş derejesini hem ýokarlandyrýar, bu bolsa, adamlaryň, haýwanlaryň arasynda, iýmit önümlerinde we daşky gurşawda durnukly mikroorganizmleriň ýüze çykmagyna täsirini ýetirýän goşmaça faktor bolup durýar.

## Dünýäde we BSGG-nyň Ýewropa sebitiniň ýurtlarynda mikroblara garşy dermanlara durnuklylyk

MGDD ähli ýurtlarda bellenýär. Durnukly bakteriýalar sebäpli ýokanç keseller bilen kesellän näsaglaryň, kliniki netijelerine we ölüm ýagdaýlaryna negatiw täsir edýän ýokary täwekgellikleri bolýar, şeýle hem olar üçin, şol bir bakteriýanyň durnuksyz ştammlary ýokuşan näsaglar bilen deňeşdirilende, lukmançylyk serişdeleri köp harç edilýär.

Klebsiella pneumonia durnuklylyk – näsaglaryň janyna howp salýan giňden ýaýran içege ýokanjyna durnuklylyk – iň soňky öndürilen dermana durnuklylygy (antibiotikler-karbapenemler), dünýäniň ähli sebitlerinde ýaýrady. K. pneumoniae köplenç hassahanalaryň içinde ýüze çykýan ýokançlara sebäp bolýar, ýagny öýkenleriň sowuklamasy, gan aýlanyşygyň ýokançlary, şeýle hem bäbekleriň we intensiw bejeriş bölümleriniň näsaglarynyň ýokançlaryna sebäpl bolýar. Käbir ýurtlarda K. pneumoniae antibiotikler-karbapenemlere durnuklylygynyň döreýänligi sebäpli, beýle ýokançly näsaglaryň ýarysyndan gowragynyň bejergisinde netijesiz bolýar.

E. coli ftorhinolonlara, abtibiotiklere durnuklylygy giňişleýin göwrümi eýeledi, bu dermanlar peşew bölüp çykaryjy ýollaryň ýokanç keselleri bejerilende ulanylýar. Indi dürli kontinentleriň köp ýurtlarynda, ýagdaýlaryň ýarysyndan gowragynda ftorhinolonlar bilen bejergi netijesiz bolýar.

Azyndan 10 sany ýurtlarda (Awstraliýa, Awstriýa, Kanada, Ýaponiýa, Norwegiýa, Sloweniýa, Günorta Afrika, Şwesiýa we Beýik Britaniýanyň Birleşen Patyşalygy we Demirgazyk Itlandiýa) «iň soňky umyt edilýän» dermanlaryň sözenegiň bejergisinde netijesiz bolan ýagdaýlary bellendi (antibiotikler sefalosporinleriň III nesli).

Ýaňy-ýakynda BSGG, döreýän durnuklylygy nazara almak üçin sözenegiň bejergisi boýunça maslahatlaryny täzeledi. Sözenegiň hinolonlara (antibiotikleriň klassy) durnuklylygynyň ýokarylygy sebäpli, indi BSGG bu keseli bejermek üçin olary ulanmagy maslahat bermeýär. Şeýle hem hlamidiýa ýokançlarynyň we merezýeliň bejergisi boýunça maslahatlar täzelendi.

Şeýle hem, Staphlylococcus aureus – saglygy goraýyş edaralarynda we olaryň çäklerinden daşarda ýüze çykýan agyr ýokançlaryň sebäpkäriniň birinji hataryň dermanlaryna durnuklylygy giňden ýaýrady. Baha bermeler boýunça, metisilline-durnukly altynsow stafilokokk ýokuşan näsagyň ölüminiň ähtimallygy, Staphylococcus aureus durnuksyz ştammy ýokuşan näsag bilen deňeşdirilende 64% ýokary bolýar.

Enterobacteriaceae sebäpli ýüze çykýan, ömür üçin howply ýokançlary bejermek üçin iň soňky umyt edilýän dermany, bu kolistindir. Soňky ýyllarda birnäçe ýurtlarda we sebitlerde kolistine durnuklylygyň ýagdaýlary bellenilýär, bu bolsa beýle ýokançlary bejergisiz bolmagyna getirýär.

BSGG-nyň baha bermeleri boýunça 2014-nji ýylda dermanlara köpçülikleýin durnukly inçekesl (DKD-IK) bilen kesellänleriň 480 000 golaýy, inçekesele garşy iň täsir ediji derman serişdeleriniň iki sanysyna durnuklylygy bilen häsiýetlenýär. Olardan diňe dörtden bir bölegi (123 000 hadysa) ýüze çykaryldy we bellige alyndy. DKD-IK bejermek üçin, adaty inçekesel bilen deňeşdirilende, bejerginiň has dowamly we az netijeli kurslary ulanylýar. 2014-nji ýylda DKD-IK bejergisi, hadysalaryň diňe ýarysynda üstünlikli boldy. Inçekeseliň täze hadysalaryndan 2014-nji ýylda, 3,3% dermanlara köpçülikleýin durnuklylyk bilen häsiýetlendi. Inçekeselden ozal bejergi alan adamlaryň arasynda, bu görkeziji ýokary bolýar: 20%. Dermanlara giňişleýin durnukly inçekesel (DGD-IK) – inçekesele garşy derman serişdeleriniň azyndan 4 sany esasy dermanlaryna durnukly inçekeseliň bir görnüşi, ol 105 sany ýurtda ýüze çykaryldy. DKD-IK näsaglaryň 9,7% bir wagtyň özünde DGD-IK-den hem ejir çekýärler.

2016-njy ýylyň iýul aýyna, P. falciparum sebäpli ýüzae çykýan gyzzyrma garşy bejerginiň dermanlarynyň birinji hataryna durnuklylygyň hadysalary (artemizinin-utgaşdyrylan bejergi, AUB) Uly Mekongyň kiçi sebitiniň 5 sany ýurtlarynda tassyklanyldy (Kamboja, Laos Halk-Demokratiki Respublikasy, Mýanma, Tailand we Wýetnam). Hadysalaryň köpüsinde, artemizinine durnukly näsaglar, diňe utgaşdyrylan bejerginiň düzümine başga netijeli derman goşulyp bejergi geçirilen ýagdaýynda doly gutulýarlar. Emma Kambojanyň we Tailandyň serhetleriniň ugrundaky etraplarda, P. falciparum gyzzyrma garşy bar bolan ähli derman serişdelerine diýen ýaly durnuklylygy edindi, bu bolsa bejergini juda kynlaşdyrýar we monitoringe berk üns berilmegini talap edýär. Dermanlara köpçülikleýin durnuklylygynyň bu kiçi sebitiň beýleki etraplaryna ýaýramagynyň hakyky töwekgelligi ýüze çykýar. Dünýäniň beýleki ýurtlarynda durnukly ştammlaryň peýda bolmagy jemgyýetçilik saglygy goraýyş üçin ullakan kyn mesele bolup biler we gyzzyrma garşy göreşde gazanylanlara ullakan zyýan ýetirip biler.

2010-njy ýylda ösüp barýan ýurtlarda antiretrowirus bejergisini (ARB) alyp başlan AIW-li näsaglaryň takmynan 7%, derman serişdelerini durnuklylyk ýüze çykaryldy. Ösen ýurtlarda bu görkeziji 10-20% deň boldy. Soňky ýyllarda käbir ýurtlar bejergä başlaýan näsaglaryň arasynda dermanlara durnuklylyk hadysalary barada 15% (ýa-da ondan köp) we bejergini gaýtadan başlaýanlaryň arasynda 40% deň bolýanlygy barada habar berilýär. Bu mesele gaýra goýulmasdyz çäreleriň görülmegini talap edýär. Durnuklylygyň köpelmeginiň ykdysady netijeleri hem wajyp bolýar, çünki, ikinji we üçünji hataryň dermanlary degişlilikde birinji hataryň dermanlary bilen deňeşdirilende 3 we 18 esse gymmat bolýar. 2015-nji ýylyň sentýabr aýyndan başlap, BSGG AIW ýokuşan ähli näsaglara antiretrowirus bejergisine başlamagy maslahat berýär.

ARB has giňişleýin ulanylmagy, dünýäniň ähli sebitlerinde ARB durnuklylyk meselesini azaldar diýlip garaşylýar. Birinji liniýanyň ARB shemalarynyň uzak dowamly netijeliligini has ýokary galdyrmak üçin we näsaglaryň ýagdaýynda bejerginiň has netijeli shemalaryň bellenilmeginde, durnuklylyga monitoring etmekligi dowam etmek juda wajypdyr we onuň gelejekki ösüşini we ýaýraýşyny peseltmek hem wajypdyr. Ýurtlar, hyzmatdaşlary we gyzyklanýan taraplar bilen bilelikde BSGG AIW-e dermanlara durnuklylyk boýunça hereketleriň täze Global meýilnamasyny işläp taýýarlady (2017-2021ý.ý.).

Wiruslara garşy dermanlar epidemiki we pandemiki grippi bejermek üçin zerurdyr. Adamlaryň arasynda aýlanýan A görnüşli grippiň wiruslary, wiruslara garşy dermanlaryň bir derejelisine, M2- kanallaryň (amantadin we rimantadin) ingibitorlaryna durnukly. Emma neýraminidazanyň (oseltamiwir) ingibitorlaryna durnuklylyk pes derejede saklanýar (1-2%). Wiruslara garşy dermanlary kabul edijilige geçirilýän monitoring, grippe epidemiologiki gözegçiligiň we jogap çäreleriniň Global ulgamynyň kömegi bilen hemişelik esasda alnyp barylýar.

Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň Ýewropa sebitleýin býurosy (BSGG-nyň ÝSB) ýurtlary antibiotikleri ulanmagyň maglumatlarynyň yzygiderli ýygnalmagynyň geçirilmegine çagyrýar we EC ýurtlary üçin mikroblara garşy dermanlaryň bellenilişi, satuwy we ulanylyşy baradaky maglumatlary, Ýewropanyň keselleriň öňüni alyş we gözegçilik Merkeziniň (ECDC) mikroblara garşy dermanlaryň durnuklylygyna epidemiologiki gözegçilik boýunça Ýewropa ulgamyna (ESAC-Net) we, Sebitleýin býuronyň umumy tagallalary bilen döredilen, Merkezi Aziýa we Gündogar Ýewropa ýurtlarynda mikroblara garşy dermanlara durnuklylyga epidemiologiki gözegçilik boýunça Ulgama (CAESAR), kliniki mikrobiologiýa we ýokanç keseller Ýewropa jemgyýetine (ESCMID) we Niderlandlaryň jemgyýetçilik saglygy we daşky gurşaw Milli institutyna (RIVM) ibermeklige çagyrýar. CAESAR wezipeleri, ýurtlarda MGDD-a epidemiologiki gözegçiligiň milli ulgamlarynyň döredilmegine we berkidilmegine kömek bermekden durýar. Bu gurama tarapyndan geçirilen işler görkezdi, ýagny, *S.aureus metisilline (*metisilline durnukly *S.aureus)* durnuklylygynyň derejesi Ýewropa sebitiniň agza-döwletleriniň birnäçesinde 50% golaý we EC beýleki ýurtlarynyň birnäçesinde 25% ýetýär. Gramotrisatel bakteriýalaryň, ýagny *Escherichia coli* we *Klebsiella pneumoniae* dermanlara durnuklylygynyň meselesi Günorta we Gündogar Ýewropada ýokary depginde ösýär. EC ýurtlarynda, baha berişiň maglumatlaryna görä, her ýylda 25000 näsaglar ýogalýar, saglygy goraýyş üçin gomaça çykdajylar bolsa 0,9 mlrd. ýewro deň bolýar. ECDC dolandyrmagynda durmuşa geçirilýän, mikroblara garşy dermanlaryň ualnylyşyna epidemiologiki gözegçilik boýunça Ýewropa taslamasynyň (ESAC) çäklerinde ýygnalýan maglumatlar şulara şaýatlyk edýär, ýagny EC gündogar we günorta ýurtlarynda antibiotikleri ulanmagyň göwrümi, demirgazyk bilen deňeşdirilende has ýokary bolýar, bu bolda dermanlara durnuklylygyň derejesiniň ýokarlanmagyna getirýär. BSGG-nyň Ýewropa sebitiniň beýleki ýurtlarynda antibiotiklere durnuklylyk we antibiotikleri ulanmagyň derejeleri babatda emele gelen ýagdaý barada maglumatlar

az, emma birnäçe agza-döwletler (Russiýa Federasiýasy, Turkiýe, Horwatiýa) antibiotiklere durnuklylyga epidemiologiki gözegçilikde ösüş gazandylar we, MRSA ýaýranlygy barada habar berdiler, ol birnäçe ýurtlarda 30% ýokary boldy.

MGDD howpunyň ösenligine garamazdan, täze antibiotikleri döretmegiň we degişlilikde amaly lukmançylyga ornaşdyrylma hadysasy ýiti azaldy. Ýagny, 1983-nji ýyldan 1987-nji ýyllar aralygynda 16 sany täze mikroblara garşy derman serişdeleri (MGDS), 1987-nji ýyldan 2002-nji ýyl aralygynda bolsa – diňe 7 sanysy ornaşdyryldy. 1985-nji ýyldan başlap, ABŞ-nyň we Ýaponiýanyň täze antibakterial dermanlaryny döretmek boýunça iri dermançylyk kompaniýalary ýuwaş-ýuwaşdan ýapyldy we 2004-nji ýyla çenli 50% çenli azaldy. 1928-nji ýylda Fleming tarapyndan antibitikleriň açylan wagtyndan 70-nji ýyllara çenli antibiotikleriň onlarçadan köp klasslary açyldy, soňra antibiotikleriň täze klasslaryny döretmek hadysasy saklandy we täze – 21-nji asyrda antibiotikleriň diňe iki sany klassy açyldy, oksazolidonlar (2000) we lipopeptidler (2003).

Hassahanalarda, saglyk öýlerinde, weterinariýa bejeriş edaralarynda we haýwanlar üçin iýmler taýýarlanylanda antibiotikleriň gözegçiliksiz ulanylmagy, durnukly mikroorganizmleriň täze çeşmeleriniň peýda bolmagyna getirdi. Mikroblara garşy dermanlaryň seresaplyk bilen, oýlanyşykly ulanylmagy diňe bir adamlar bejerilende däl-de, eýsem haýwanlar bejerilende, şeýle hem oba hojalyk önümçiliginde hem juda wajypdyr. GDA-nyň köp ýurtlarynda antibiotikleriň, düzgünleriň garşysyna, lukmandan dermannamasyz dermanhanalarda satylmagynyň dowam etmegi, ýagdaýy has hem kynlaşdyrýar.

BSGG-nyň WHA 58.27 Rezolýusiýasynda kesgitlenildi, ýagny mikroblara garşy dermanlara durnuklylygy haýallatmak, Birleşen Milletler Guramasynyň müňýyllygyň Jarnamasynda bar bolan, halkara derejesinde ylalaşylan we saglyk bilen baglanyşykly maksatlaryny gazanmagyň başlangyçlarynyň biri bolup durýar.

Şuny nazara almak bilen, BSGG-nyň Ýewropa sebitiniň derejesinde hereketleriň strategiki sebitleýin meýilnamasynyň birnäçe maksatlary teklip edildi. Bu maksatlar hereketleriň milli meýilnamalarynda ähli taraplardan seredilmeli tehniki, maliýe, düzgünleşdiriji, bilim beriji we özüni alyp barmagyň jähtlerini nazara alýarlar. Şol bir wagtyň özünde bolsa, mikroblara garşy dermanlara durnuklylyk, pudagara meselesi bolup durýar, şol sebäpli, bu meselä garşy durma çäreleri, köp sanly milli, käbir ýagdaýlarda bolsa, halkara hyzmatdaşlaryň, gyzyklanýan taraplaryň ýa-da bilermenleriň hem goşantlaryny goşmagyny we gatnaşmagyny talap edýär. Bakteriýalara durnuklylyga gatnaşygy bolan we onuň döremegine itergi berýän çylşyrymlyu meseleleriň seredilmegine döwletleri ugrukdyrmak üçin ýedi sany strategiki maksatlar emele getirildi. Hereketleriň srtategiki sebitleýin meýilnamasynyň şu aşakdaky maksatlary teklip edildi:

- MGDD haýallatmak boýunça milli pudagara komitetlerini gurnamagyň ýoly bilen milli utgaşmany berkitmek.
- MGDD epidemiologiki gözegçiligi kämilleşdirmek.

- Antibiotikleri rejeli ulanmak boýunça milli strategiýalarynyň işlenip taýýarlanylmagyna we ornaşdyrylmagyna ähli taraplaýyn ýardam bermek we ýurtlarda olaryň ulanylmagyna gözegçiligi güýçlendirmek.
- Ýokançlara gözegçiligi we bejeriş-öňüni alyş edaralarynyň şertlerinde antibitiklere durnuklylyga monitoringi berkitmek
- Weterinariýada we oba hojalygynda ulanylýan antibitiklere durnuklylygyň ýüze çykmagynyň öňüni almak.
- Innowasion tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyna ýardam bermek.
- Näsaglaryň habarlylygyny gowulandyrmak, howpsuzlygyny ýokarlandyrmak we hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmek.

Antibiotiklere durnuklylyk – bu global derejesindäki mesele, diňe her bir aýratyn ýurtda antibiotiklere durnuklylygyň ösüşini haýallatmak boýunça bir wagtda geçirilýän çäreler, tutuş dünýäde gowy netijeleri berip biler. Häzirki şertlerde, meseläniň umumy biologiki, lukmançylyk, sosial-ykdysady we bilim beriji jähtlerini nazara alýan, MGDS ulanmagyň toplumlaýyn, ylmy-esaslandyrylan syýasatyny geçirmegiň ýoly bilen mikroblara garşy durnuklylygyň ösüşini haýallatmak hakyky bolup biler.

Mikroblara garşy serişdelere durnuklylyk pudagara mesele bolup durýar, oňa baglylykda, bu meselä garşy göreş çärelerine, köp sanly milli, kähälätlarda bolsa, halkara hyzmatdaşlarynyň we gyzyklanýan gatnaşyjylaryň goşantlaryny goşmagyny we gatnaşmagyny talap edýär.

Hereketleriň Global meýilnamasynyň bäş sany strategiki maksatlaryndan biri, bu global epidemiologiki gözegçiligi we ylmy barlaglary güýçlendirmegiň ýoly bilen hakyky maglumatlaryň binýadynyň berkidilmeginden ybarat bolýar.

Mikroblara garşy dermanlara durnuklylyga epidemiologiki gözegçilik, beýle durnuklylygyň döredýän kynçylygyna baha bermegiň esasy we ýerli, milli we global strategiýalaryna goldaw hökmünde çäreleri görmek üçin zerur maglumatlaryň berilmegine esas bolup durýar. Mikroblara garşy dermanlara durnuklylyga epidemiologiki gözegçiligiň döredilýän global ulgamy (GLASS – Global Antimicrobial Resistanse Surveillance system – GLASS), çäreleriň görülmegi we habar beriş-düşündiriş işlerini geçirmek, çözgütleriň kabul ediş hadysasyny maglumatlar bilen üpjün etmek üçin, ýerli, milli we sebitleýin tagallalaryň görülmegi üçin global derejesinde mikroblara garşy dermanlara durnuklylyk barada maglumatlaryň ýygnalmagyna, seljerilmegine we alşylmagyna standartlaşdyrylan çemeleşmäni goldaýar. Saglyk üçin has uly howp salýan patogenler barada kliniki, barlaghana we epidemiologiki maglumatlary bir ýere jemlemek, MGDD boýunça maglumatlaryň ýygnalmagyna we seljerilmesine unifisirlenen çemeleşmäni, şeýle he global derejesinde maglumatlaryň alşylmagyny goldamak GLASS-yň maksady bolup durýar.

Eger epidemiologiki gözegçilik mikroblara garşy dermanlary ulanmagyň tejribesine edilýän monitoring bilen baglanyşykly bolsa, onda mikroblara garşy dermanlara durnuklylyga epidemiologiki gözegçilik gowulanýar. Epidemiologiki gözegçiligiň şeýle ulgamlarynyň bilelikdäki tagallalary, ýagny mikroblara garşy dermanlara durnuklylyga epidemiologiki gözegçiligiň Ýewropa ulgamy we mikroblara garşy dermanlaryň ulanylmagyna epidemiologiki gözegçiligiň Ýewropa ulgamy şulary görkezýär, ýagny durnuklylygyna we ulanylmagyna toplumlaýyn monitoring etmek, durnuklylygy haýallatmak boýunça kampaniýalaryň we çäreleriň üstünlikli geçirilmegine syýasy taýdan goldaw bermegiň wajyp faktory bolup biler.

## 2-nji bölüm. TÜRKMENISTAN. HÄZIRKI ÝAGDAÝ WE ESASY MESELELER

### 2.1. Häzirki ýagdaý

Türkmenistanyň saglygy goraýyş ulgamynda ýol görkeziji ýörelegeleri kesgitleýän esasy resminama, bu “SAGLYK” Döwlet Maksatnamasydyr (2016), onda ilatyň saglygygy goramak ulgamynda işleriň ileri tutulýan ugurlary görkezilýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň “SAGLYK” Döwlet Maksatnamasynyň esasynda taýýarlanylan 2015-2017-nji ýyllar üçin Iş meýilnamasy ony durmuşa geçirmegiň mehanizmlerini kesgitledi (Plan for the realization of the State Health Programme of the President of Turkmenistan. Ministry of Health and Medical Industry. Turkmenistan, Ashgabat, 1999, April).

Mundan başga-da, MGDD meselesine degişli beýleki kadalaşdyryjy we kanunçylyk resminamalary bolup durýar: Türkmenistanyň derman serişdeleri hakynda Kanuny (2016ý.), Iýmit önümleriniň hili we howpsuzlygy hakynda Kanun (2009ý.), weterinariýa gullugy bilen bilelikde işlemegiň pudagara meýilnamalary we beýleki kanunçylyk namalary.

Bu ulgamda çäreleriň durmuşa geçirilmegi BSGG-nyň Ýewropa sebitleýin býurosynyň we Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň (TSGweDSM) arasynda iki taraplaýyn hyzmatdaşlygyň çäklerinde ileri tutulýan ugurlaryň biri bolup durýar.

Meseläniň wajyplygyny nazara almak bilen, 2014-nji ýylda TSG we DSM MGDD meseleleri boýunça Milli iş toparynyň döredilmegini teklip etmek bilen çykyş etdi, ol topar pudagara topary bolup durýar, häzirki tapgyrda mikroblara garşy durnuklygyň ýüze çykmagyna garşy göreşmek boýunça milli resminamalaryň we meýilnamalaryň işlenip taýýarlanylmagy onuň esasy wezipesi bolup durýar. MIT-nyň düzümine TSG we DSM-niň, Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň (DAweKÝGGG), Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň (TDLU), Türkmendermanyň, Weterinariýa gullugynyň we beýleki guramalaryň wekilleri girýär. Gelejekde toparyň düzümini giňeltmek meýilleşdirilýär. MIT-nyň işini

utgaşdyrmak boýunça Milli utgaşdyryjy we tehniki soraglar boýunça Utgaşdyryjy bellenildi.

BSGG-nyň halkara bilermenleriniň maslahat beriş-tehniki goldaw bermeginde birnäçe mejlisler geçirildi, şeýle hem dürli derejedäki ýolbaşçylar we hünärmenler üçin MGDD meseleleri boýunça birnäçe okuw maslahatlary geçirildi. Milli tälimçiler taýýarlanyldy, olar hem merkezi/welaýat/etrap derejelerinde MGDD meseleleri boýunça saglygy goraýyş işgärleriniň arasynda tanyşdyryjy okuwlary geçirdiler.

Aşgabat ş. AweKÝGGG-da MGDD meselelei boýunça habar beriş-resurs merkezi döredildi, ol bu meseleler boýunça saglygy goraýyş hünärmenleriniň okadylmagy we habarlylygy boýunça guramaçylyk-usulýet merkezi bolar.

2014, 2015, 2016-nji ýyllarda MGDD meselesi boýunça ýurtdaky ýagdaýa baha bermek we maslahat beriş-tehniki goldawyny bermek boýunça BSGG-nyň bilermenleriniň birnäçe missiýasy geçirildi, olaryň esasynda birnäçe teklipler we maslahatlar berildi. Şeýle hem 2016-njy ýylda barlaghana hünärmenleri üçin mikroorganizmleriň mikroblara garşy dermanlara duýgurlygynyň barlaghana barlag usulýetleriniň meseleleri boýunça okuw maslahaty geçirildi.

Şeýle hem, 2016-njy ýylyň iýun aýynda geçirilen, Türkmenistanda HSGAD ornaşdyrmak boýunça Bilelikdäki daşky baha berişiň geçirilmeginiň dowamynda, baha berilýän ulgamlaryň biri, MGDD çäreleriň meselesi boldy, ol boýunça, ýurtda MGDD meseleleri boýunça birnäçe maslahatlar berildi.

Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugy we onuň wajyp bölümi – epidemiologiki gözegçilik, öz işlerini ýurtda işlenip taýýarlanylan we kabul edilen kanunçylyk we kanunçylyga degişli namalarynyň, ilkinji nobatda Türkmenistanyň Arassaçylyk Kodeksine laýyklykda amala aşyrýar. Türkmenistanda ilatyň epidemiki howpsuzlygynyň üpjün edilmeginiň kanunçylyk, ykdysady we guramaçylyk esaslary bellenildi, şeýle hem adamlaryň we gelejekki nesilleriň ýaşaýyşy we gelejegi üçin amatly şertleri üpjün edýän döwlet kepillikleri göz öňünde tutulýar.

Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugy öz işini Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň ýanyndaky merkezi edarasynyň, Jemgyýetçilik saglygy we iýmit merkeziniň (JSweIM), Aýratyn howply ýokanç keselleriň öňüni alyş merkeziniň (AHÝKÖAM), welaýat we şäher/etrap arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gulluklarynyň (AweKÝGGG) üsti bilen üpjün edýär. 1-nji görkezgiç. DAweKÝGGG-nyň gurluşy

**1-nji görkezgiç. TSGweDSM-niň Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň gurluşy**




Ilata kliniki kömek, saglygy goraýyş ulgamynyň merkezi, sebitleýin, şäher/etrap derejelerinde ambulatoriýa we hassahana kömegini berýän bejeriş-öňüni alyş edaralary tarapyndan amala aşyrylýar (2-nji görkezgiç. TSG we DSM-niň saglygy goraýyş edaralarynyň gurluşy)

**2-nji görkezgiç. TSGweDSM-niň saglygy goraýyş edaralarynyň gurluşy.**



MGDS esasy sarp edijileri, bu sebitleýin we ýerli derejelerdäki BÖAE-dyr, olar MGDS köp mukdaryny satyn alýarlar, ýöne, saglygy goraýşyň birinji zynjyrynyň lukmanlarynyň arasynda hem, MGDS-ni bellenilmegi ýokary derejede durýar. Mümkin, bu ýurtdaky saglygy goraýyş ulgamynda MGDS-ni bellenilmegine, paýlanmagyna we sarp edilmegine gözegçilik edýän resmi ulgamynyň ýoklugy bilen baglanyşykly mesele bolup durýandyr.

Ýurtda ýokanç kesellere garşy gullugyň edaralarynyň ulgamy hereket edýär (Ýokanç keselleri merkezleri Müdiriýeti – 1 merkezi (milli), 5 sany hassahana welaýat derejesinde we 55 sany ýokanç keseller bölümleri etrap/şäher derejelerinde), olarda – 207 lukman we 506 sany orta saglygy goraýyş işgärleri işleýärler).

MGDS bellenilýän keselli näsaglara hassahana we ambulatoriýa kömeginiň berilmegini amala aşyrýan saglygy goraýyş edaralarynda, saglygy goraýyş kömegi hereket edýän kadalaşdyryjy-usulýet gollanmalaryna we kliniki protokollaryna laýyklykda amala aşyrylýar

Gynansak-da, näsaglara barlaghana barlaglaryny geçirmezden, kliniki we empiriki alamatlaryň esasynda näsaglary bejermek adaty tejribe hasap edilýär.

Subut ediji lukmançylyga esaslanýan kliniki protokollary (KP) işläp taýýarlama hadysasyny, şeýle hem olary saglygy goraýyş edaralarynyň tejribesine ornaşdyrmagyň mehanizmlerini institusioalizasiýalaşdyrmak zerurdyr.

Kliniki protokollary we gollanmalary işläp taýýarlamak we täzelemek, olary kliniki tejribä ornaşdyrmak, bu saglygy goraýyş ulgamynyň esasy hünärmenleriniň işe çekilýän hemişelik hadysadyr. Gelejekde kliniki protokollaryň işlenip taýýarlanmagyny ylmy-kliniki merkezler öz üstüne almalydyr. TSG we DSM kliniki protokollaryň utgaşdyrylmasyny we ornaşdyrylmagyny amala aşyrar. KP ornaşdyrmagyň wajyp mehanizmi, bu diplomdan soňky we yzygiderli lukmançylyk biliminiň maksatnamasyna goşulmagydyr.

Barlaghana gullugy özara gatnaşyklaryň üç derejeli ulgamy bilen görkezilýär we mikrobiologiki barlaglaryny, şeýle hem mikroblara garşy dermanlara ýokanç keselleriň döredijileriniň durnuklylygy kesgitlemegi amala aşyrýan 103 sany mikrobiologiki barlaghanalary gurşap alýar. 3-nji görkezgiç. TSG we DSM-niň mikrobiologiýa barlaghanalarynyň gurluşy barada maglumat.

Bakteriýalaryň antibiotiklere durnuklylygyny kesgitlemegiň häzirki zaman usulýetleri tejribede ulanylýar – disk-diffuz usulýeti, iýmitlendiriji sredada ösdürip ýetişdirme usulýeti, şeýle hem biologiki analizatorlar (Vitec, BacT\ALERT).

MGDB barlaghana barlaglaryny geçirmek ortaça 5-6 güne deň bolýar. Hassahanalaryň içinde ýokuşýan we hassahanalardan daşarda ýokuşýan ýokançlaryň mikrobiologiki peýzažyna şu mikroorganizmler girýär: *Streptococcus pneumoniae, Staphylococcus aureus, Enterococcus faecalis, Enterococcus faecium, Escherichia coli, Klebsiella pneumoniae, Pseudomonas aeruginosa и др.*

TSG we DSM-niň mikrobiologiki barlaghana gullugynyň düzümi: 64 barlaghana DAweKÝGGG-na degişli (1 barlaghana JsweIM, 6 sany welaýat/Aşgabat ş. AweKÝGGG-na, 57 sany şäher/etrap AweKÝGGG-na degişli barlagnanalar); DAweKÝGGG-nyň düzümine girýän AHÝKÖAM-niň aýratyn howply ýokanç kesellere mikrobiologiki barlaglaryny geçirýän 8 sany barlaghana; BÖAE-nyň mikrobiologiki barlaglaryny geçirýän, kliniki-anyklaýyş barlaghanalarynyň düzümine girýän 29 sany barlaghanalar. Etrap derejesinde barlaglara esasan hem DAweKÝGGG-nyň barlaghanalary tarapyndan geçirilýär. Käbir mikrobiologiki barlaghanalar, bakteriologiki barlaglaryny geçirýän barlaghanalara bildirilýän häzirki zaman talaplaryna jogap bermeýär. Antibiotiklere durnuklylygy we hassahanalaryň içinde ýokuşýan ýokançlar boýunça bar bolan ujypsyz ylmy maglumatlar ýeterlikli däl resmi hasabatlylyk ulgamy ylmy taýdan gurnalmadyk we maglumatlaryň ygtybarlylygyny barlamagyň degerli serişdelerine eýelik etmeýärler, hiline ýerlikli daşky gözegçilik hemme barlaghanalar üçin üpjün edilmeýär, ýokançlaryň möwjemesini ýüze çykarýan mikroorganizmleriň molekulýar tipirlenmegi geçirilmeýär.

**3-nji görkezgiç. TSG we DSM-niň mikrobiologiki barlaghanalarynyň gurluşy barada maglumat.**

| | Aşgabat ş. | Ahal welaýaty | Balkan welaýaty | Daşoguz welaýaty | Lebap welaýaty | Mary welaýaty | Türkmenistan boýunça hemmesi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **AweKÝGGG** | 1 | 8 | 11 | 11 | 18 | 14 | 63 |
| **JSweIM** | 1 | - | - | - | - | - | 1 |
| **AHÝKÖAM** | 1 | 1 | 3 | 1 | 1 | 1 | 8 |
| **BÖAE** | 10 | 2 | 2 | 2 | 6 | 9 | 31 |
| **Hemmesi** | 13 | 11 | 16 | 14 | 25 | 24 | 103 |

Mikroorganizmleriň duýgurlygyny kesgitlemekde esasy kynçylyk, bu MGDD baha berişi geçirmek üçin standartlaşdyrylan protokollaryň hökmany tertipde ulanylmaýanlygy, şeýle hem testirlemegiň standartlaşdyrylan usulýetleriniň ulanylmaýanlygydyr.

Häzirki wagtda dermanlara durnuklylygy testirlemegiň has guramaçylykly ulgamy Türkmenistanyň inçekesele garşy maksatnamasynda döredildi. Anyklaýyş algoritminiň aýratynlygy, bu dürli administratiw derejesinde barlaghana ulgamynyň basgançaklylygyndan ybarat bolýar. Barlaghana anyklaýyşyň gurlan beýle ulgamy, dürli administratiw derejedäki näsaglar üçin testirlemegiň häzirki zaman usulýetlerine elýeterliligi üpjün etmäge mümkinçilik berýär. Inçekesele garşy gullugyň (IGG) barlaghanalarynda geçirilýän barlaglara içki we daşky gözegçiligiň geçirilmegi belläp geçilmeli hadysadyr, şeýle hem hasabatlylygyň berliş ulgamy we geçririlýän barlaglar boýunça maglumatlary iki taraplaýyn alyşmak ulgamy ýola goýuldy.

BSGG bilen bilelikde geçirilen, dermanlara-durnukly inçekeseliň ýaýraýyşy öwrenilende, izoniazide, täze bellige alnan hadysalaryň arasynda 26,7% we 32,4% - gaýtadan bellige alnan hadysalarda durnuklylygyň barlygyny anyklady. Dermanlara köpçülikleýin durnuklylygyň derejesi (DKD IK) ilkinji gezek ýüze çykarylanlaryň arasyndan 15,4% deň boldy, ozal bejergi alanlaryň arasynda – 38,2%. Merkezi Aziýanyň ýurtlary bilen deňeşdirilende DKD IK derejesi täze bellige alnan hadysalarda 19%-dan 23% çenli we gaýtadan bejergi alanlaryň arasynda bolsa 50% we ýokary boldy. Bejerginiň netijeliligi boýunça başlanan taslama barlaglary deslapky gowy netijeleri berýär.

Durnuklylygyň döremeginiň sebäplerini öwrenmek maksady bilen, birnäçe amaly barlaglar geçirildi, olaryň netijesinde anyklanyldy, ýagny durnuklylygyň döremeginiň esasy sebäpleri, bu gözegçilikde saklanylýan bejerginiň ýoklugy, utgaşykly ýagdaýlaryň we keselleriň bolmagy we näsaglaryň özüni jemgyýetde asosial alyp barmagy boldy.

Hünärmenleri taýýarlamak Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň (TDLU) okuwyň diplomdan öň– we soň derejesinde alnyp barylýar. Diplomdan soňky okuw lukmanlary kämilleşdiriş fakultetinde amala aşyrylýar (LKF). Gospital terapiýasy, mikrobiologiýa, maşgala lukmançylygy we diplomdan soňky okuw we başg. kafedralarda.

Döwlet epidemiologiki gözegçiligi işleriň giňişleýin göwrümlerini gurşap almak bilen ähmiýetli çäreleri amala aşyrýar. Häzirki wagtda hereket edýän, epidemiologiki gözegçilik ulgamy köp ýyllaryň dowamynda, özüniň öňünde durýan wezipeleriň we funksiýalaryň degerli derejede ýerine ýetirilmegini üpjün edýär.

Bar bolan kemçilikleriň sebäpleriniň arasynda, epidemiologiki gözegçilik ulgamynyň kompýuterleşdirmegiň häzirki zaman derejesine we talaplaryna laýyk gelmeýän, kommunikasiýa çözgütlerine we başg. tehniki-tehnologiki taýdan laýyk gelmeýänligini aýratyn belläp geçmeli. Maglumatlaryň ägirt uly göwrümini elde gaýtadan işlemek, adaty usulýetler bilen olary statistika we grafiki taýdan işlemek, kommunikasiýalaryň meseleleriniň giňişleýinden ulanylmazlygy, häzirki zaman tapgyrynda döwlet epidemiologiki gözegçiliginiň operatiw hereket etmegini saklaýan faktorlar bolup durýar.

Döwlet epidemiologiýa gözegçilik edaralary tarapyndan ýokanç keseller barada, şeýle hem olar bilen baglanyşykly maglumatlaryň ägirt köp mukdary ýygnalýar. Olar öz içine ýokanç keselleriniň ýüze çykmagynyň sebäplerini anyklamagy, şeýle hem ýokanç keselleriň ýaýramagynyň şertlerini we sebäplerini ýüze çykarmagy, olaryň öňüni almak boýunça keselleriň ýaýramagyna garşy çäreleri, şeýle hem olaryň döwlet statistika hasaba alyşyny alýar. Döwlet epidemiologiýa gözegçiligi tarapyndan ýygnalýan ägirt köp maglumatlar, elbetde hemişelik yzygiderli seljerişiň geçirilmegine mätäçlik çekýär, ol seljerme diňe degişli kompýuter-maglumat serişdeleriniň kömegi bilen degerli görnüşde geçirilip bilýär.

Ýurtda BÖAE-da ýüze çykýan ýokanç kesellere epidemiologiki gözegçilik ulgamy hereket edýär, ol öz içine ýokanç kesellere garşy göreşmegiň we öňüni almagyň esaslandyrylan rejeli çärelerini görmek üçin çäreleriň toplumyny alýar. Ähli derejedäki AweKÝGGG-nyň wezipe birliklerine, BÖAE-na epidemiologiki gözegçiligi we saglygy goraýyş edaralarynda arassaçylyk-keselleriň ýaýramagyna garşy düzgünleriň berjaý edilmegine gözegçilik edýän hünärmenler goşulan.

Bir gezek ulanylýan gurallar bilen, sterilizasiaý etmek üçin enjamlar, ýokançsyzlandyryjy serişdeler we işgärler üçin gorag serişdeleri, HGS bilen üpjün edilmegine ullakan üns berilýär.

Ýokançlaryň hapa elleriň üsti bilen ýokuşýan esasy geçiş ýoluny ünse almak bilen, elleri dogry ýuwmagyň düzgünlerine aýratyn üns berilýär, elleri ýuwmagyň protokoly, işgärleri okatmagyň köp sagatlyk maksatnamasyna girizilen. Ellikler, ýörite geýimler bilen üpjün etmek ýaly, hususy gorag serişdeleriniň ulanylmagyna uly üns berilýär.

Ýokançlaryň öňüni almak boýunça görülýän çäreleriň arasynda, çaga dogrulýan saglygy goraýyş edaralarynda arassaçylyk-keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek düzgünleriniň berjaý edilişiniň taktikasyna täzeden seredildi, olarda BSGG-nyň täze tehnologiýalary we maslahatlary göz öňünde tutulýar.

Buýruklaryň talaplaryna laýyklykda her bir saglygy goraýyş edarasynda ýokançlara gözegçilik edýän komitetler döredildi (ÝGK). ÝGK hassahanayň içinde döreýän ýokançlaryň ýüze çykmagynyň we ýaýramagynyň öňüniň alynmagyna gönükdirilen netijeli guramaçylyk, öňüni alyş we keselleriň ýaýramagyna garşy çäreleriň ulgamyny utgaşdyrýar. Şol sanda MGDS dogry bellenilmegine, bejerilmegine we ulanylmagyna gözegçilik edýär.

Bejeriş-öňüni alyş edaralarynyň gurluşygynyň taslamalaşdyrylýan tapgyrynda binagärçilik-meýilnamalaşdyryş çärelerine uly ünsberilýär (bölümleriň meýilleşdirilmegi, rejeli ýerleşdirilmegi, näsaglaryň we işgärleriň akymynyň berjaý edilmegi, çäkleri zolaklaşdyrmak we ş.m.).

Şeýle hem hereket edýän buýruklara laýyklykda, ýokançlara gözegçlilik etmegiň çäklerinde barlaghana-gurallar bilen monitoring yzygiderli geçirilýär, şol sanda BÖAE-da esbaplardan we daşky gurşawdan alynýan nusgalaryň mikrobiologiki görkezijilerine monitoring geçirilýär. Geçirilýän monitoring arassaçylyk-keselleriň ýaýramagyna garşy  düzgünleriň berjaý edilmegi bilen baglanyşykly bozulmalary ýüze çykarmaga we çäreleri wagtynda görmeklige mümkinçilik berýär.

Epidemiologiýa gözegçilik ulgamyny halkara talaplaryna laýyklykda sazlamak, häzirki zaman çemeleşmelerini ornaşdyrmak we saglygy goraýyş edaralarynda hassahanalaryň içinde ýüze çykýan ýokançlaryň öňüni almakda arassaçylyk-gigiýena çäreleriniň rejelenmegi, ýokançlaryň döremek töwekgelligini ähmiýetli peselder, onuň netijesinde bolsa, ilata berilýän lukmançylyk kömeginiň hiliniň gowulanmagyna getirer.

Türkmenistanyň derman serişdeleriniň Döwlet sanawynyň maglumatlaryna laýyklykda, 01.01.2017ý. döwür üçin, Türkmenistanda 01/07/2015-01/01/2017 ý.ý. aralygynda derman serişdeleriniň we lukmançylyk niýetli önümleriň 3641 sanysy bellige alyndy. Olardan 317 sanysy bakteriýalara garşy dermanlar (wiruslara garşy dermanlar oňa girenok). Beýle ýagdaýda Türkmenistanda öndürilen mikroblara garşy derman serişdeleriniň sany 3 deň boldy (0,9%).

Bu döwrüň dowamynda esasy derman serişdeleriniň wajyp sanawyna girýän mikroblara garşy dermanlaryň 124 sanysy bellige alyndy.

TSGweDSM-niň işiniň wajyp ugurlarynyň biri, bu derman serişdelerini rejeli ulanmagyň sosial-ugrukdyrylan ulgamynyň hemme ýerde ornaşdyrylmagydyr. Bu hadysa, esasy derman serişdeleriniň döwlet Sanawynyň işlenip taýýarlanylmagyny we ornaşdyrylmagyny göz öňünde tutýar. Ýaşaýyş üçin esasy wajyp derman serişdelerini Sanawy bar, onda 357 sany dermanlaryň ady bar, olardan 41 sanysy mikroblara, wiruslara, kömeleklere garşy derman serişdeleri. Şeýle hem, 130 sany derman serişdelerinden, saglygy goraýyş ätiýaçlandyryş polýusy boýunça dermanyň bahasyndan 90% ýeňillikli tölege degişli derman serişdeleriniň Sanawy bar, olardan bakteriýalara, wiruslara we kömeleklere garşy derman serişdeleriniň sany 41 deň (dermanlaryň ornuny çalyşýanlary hasaba almazdan) we bejeriş taýdan- we çykdajy-netijelilik taýdan ýokary derejede, subut ediji-esalsnadyrylan hünärmenlik saýlamasynyň esasynda we howpsuz derman serişdeleriniň Milli formulýary bar we şeýle hem dermanlar barada obýektiw maglumatlary işläp taýýarlaýan we ýaýradýan, BÖAE-nyň işgärlerini okadýan, dermanlary ulanmagyň dogrulygyna monitoring we dermanlar bilen bejergide ýalňyşlaryň öňüni almak we düzetmek boýunça çäreleriň görülmegi boýunça Milli formulýar bar.

Derman serişdelerini rejeli ulanmagyň ulgamyny ornaşdyrmak boýunça TSG we DSM-niň esasy edarasy – bu Derman serişdelerini bellige alyş we lukmançylyk niýetli önümleriniň, lukmançylyk tehnikasynyň we ýokançsyzlandyryjy serişdeleriň hiline döwlet gözegçiligi Döwlet merkezidir.

Hereket edýän düzgünnama laýyklykda, Merkeziň guramaçylyk gurluşy öz içine alýar:

- Gulluklar bilen dermanlary bellige alyş bölümi a) dermanlary bellige alyş we Degerli kliniki tejribeli topar bilen farmakogözegçilik (GCP) we Farmakologiýa komitetiniň kätipligi; b) bellige alnandan soňky üýtgeşmeler, goşmaça girizmek we derman serişdeleriniň gaplamasynyň ekspertizasy; ç) dermanlar, milli dermançylyk senagaty we Degerli önümçilik tejribesiniň düzgünlerini (GMP) ornaşdyrma ulgamynda ymy-barlaglar işlerini geçirýän toparlary bilen farmasewtika ekspertizasy.

- Dermanlaryň hiline gözegçilik edýän ulgam: a) dermanlaryň hiline barlaghana gözegçiligi bölümi; b) dermanlaryň hilini güwanamalaşdyryş gullugy; bellige alnandan soňra dermanlaryň hiline gözegçilik edýän gullugy; ç) dermanlaryň hline bellige alyşdan soňky gözegçilik edýän

gullugy; d) GMP düzgünleriniň berjaý edilmegine bellige almakdan öňki gözegçilik topary.

- Lukmançylyk niýetli önümleri, lukmançylyk tehnikasyny we ýokançsyzlandyryjy serişdeleri bellige alyş we hilini güwanamalaşdyryş bölümi.
- Logistika bölümi.
- Ygtyýarnamalaşdyrma, monitoring we maglumatlar bölümi: a) güwanamalaşdyryş we dermanlaryň import edilmegine monitoring bölümi; b) dermanlaryň harytşynaslyk we nyrhlaryna gözegçilik gullugy; ç) dermanlar barada maglumatlar gullugy we ylmy-usulýet býurosyслужбой информации о лекарствах и научно-методическим бюро.

Merkeziň şuňa meňzeş gurluşy diňe bir bellige alyş gullugyny alyp barmaga mümkinçilik bermän (bakteriýalara garşy dermanlaryň ähli hatary boýunça we beýleki dermanlaryň hiliniň, mikrobiologiki we bejeriş netijeliliginiň deňeşdirme barlaglarynyň geçirilmegini hem goşmak bilen), eýsem bejeriş hadysasynyň dermanlar bilen üpjünçiliginiň sebitleýin we edaralardan gelip gowuşýan ýüz tutmalaryň ýygnalmagyna we jemlenilmegine Merkeziň işjeň çekilmegine, şeýle hem sosial taýdan ähmiýetli kesellerde bejeriş kömeginiň dermanlar bilen üpjünçiligine býujet çykdajylaryny esaslandyryp azaltmak maksay bilen esasy derman serişdeleriniň bahalaryna hemişelik monitoringiň we deňeşdirme seljermesiniň maksatnamalaryny alyp barmaga, bakteriýalara garşy durnuklylygy haýallatmak üçin (BSGG-nyň  maslahatlaryna laýyklykda) milli maksatnamanyň durmuşa geçirilmegine mümkinçilik berýär.

Derman serişdelerini, lukmançylyk niýetli önümleri, lukmançylyk tehnikasyny we ýokançsyzlandyryjy serişdeleri bellige alyş we hiline döwlet gözegçilik Merkezi, antibiotikleriň sarp edilişine monitoring ulgamyny döretmek, antibiotikleri rejeli ulanmak boýunça milli maslahatlarynyň we olaryň berjaý edilişine gözegçilik etmek üçin milli düzgünleriň işlenip taýýarlanylmagy boýunça işe başlady. Emma, saglygy goramaklyga gatnaşygy bar bolan saglygy goraýyş we beýleki edaralarda degişli maslahatlaryň ýaýradylmagy zerurdyr, çünki bu antibiotikleriň bellenilmeginiň göwrümleriniň azalmagyna getirip biler.

Derman serişdelerini, lukmançylyk niýetli önümleri, lukmançylyk tehnikasyny we ýokançsyzlandyryjy serişdeleri bellige alyş we hiline döwlet gözegçilik Merkeziniň teklip etmegi boýunça TSG we DSM-niň 2012-nji ýylyň 12-nji aprelindäki 17 belgili buýrugy bilen inçekeseliň bejergisinde ulanylýan ähli derman serişdelerini, şol sanda rifampisini dermanhanalaryň bölek sowdasynda ýerlenilmegine doly gadagan edilme girizildi.

Bölek sowda dermanhana ulgamynyň auditorçylyk barlaglary hem ftorhinolonlaryň, aýratyn hem esasy derman serişdeleriniň sanawyna girýän we inçekeseli bejermek üçin niýetlenilen (ofloksasin, lewofloksasin) derman serişdeleriniň dermannamalar bilen goýberilmegini düzgünleşdirmäge mümkinçilik berdi.

Häzirki wagtda Türkmenistanda 247 sany dermanhanalara ygtyýarnama berildi, olardan 68 sanysy – hususy, şol sanda 4 sany derman ammarlary we 179 sanysy – döwlet dermahanalary. Derman serişdeleriniň importyny, eksportyny, lomaý we bölek söwdada ýerlenilmegini amala aşyrmak boýunça ygtyýarnamalaşdyrmak, hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, TSG we DSM-niň ygtyýarnamalaşdyrma bölümi tarapyndan geçirilýär. Hususy dermanhanalar üçin hususy ygtyýarnamalar talap edilýär, Döwlet dermanhanalary umumy ygtyýarnama boýunça işleýärler we olaryň işine "Türkmenfarmasiýa" tarapyndan gözegçilik edilýär.

Ilatyň saglygyny saklamak we berkitmek boýunça netijeli çäreleri görmek, ruhy-ahlak taýdan terbiýelemek, durmuş ýörelgesini üýtgetmek, ilaty gigiýena taýdan okatmak we sagdyn durmu ýörelgesiniň peýdasyna wagyz-nesihat işlerini guramak üçin 2000-nji ýylyň aprel aýynda TSG we DSM-niň ýanynda "Saglygy goraýşyň habarlar Merkezi" açyldy, bu ýurdumyzda öňüni alyş ugurda işleýän täze gullugyň döredilmeginiň başlangyjy boldy. "Saglygy goraýşyň habarlar Merkezi", saglygy goraýyş işgärleriniňm şeýle hem ilatyň arasynda wahyz-nesihat işleriniň guramaçylygy bilen meşgullanýar.

"Saglygy goraýşyň habarlar Merkezi", mikroblara garşy durnuklylyga bagyşlanan , 2009-njy ýylda saglyk gününiň çäklerinde geçirilen çäreleriň guramaçysy boldy, we şol wagtdan bäri mikroblara garşy durnuklygyň öňüniň alynmagyna aýratyn üns berlip gelýär.

Näsaglaryň özüniň, şeýle hem saglygy goraýyş işgärleriniň habarly bolmagynyň uly ähmiýeti bardyr. 2014-nji ýylda ilatyň, näsaglaryň we ISGAK lukmanlarynyň arasynda MGDD boýunça anketirleme geçirildi, onda näsaglaryň aglaba böleginiň maglumatlary lukmanlardan alýanlygy anyklanyldy, emma olaryň bu maglumatlary köpçülikleýin habar beriş serişdelerinden, şeýle hem farmasewtrlerden almagy isleýänligi bellenildi. Ilkinji saglygy goraýyş-arassaçylyk kömegini berýän edaralaryň işgärlerinden sorama geçirilende, olardan 70% soňky aýda antibitikleri bellänligi, şeýle hem esasan ftorhinolonlary bellänleri anyklanyldy.

Dermanlar bilen öz-özüni bejerme meseleleri boýunça Türkmenistanda barlaglar geçirilmedi, emma şeýle çak edip bolýar, ýagny öz-özüni bejermegiň derejesi ýokary, çünki keselleriň ýüze çykan ýagdaýynda ilat köplenç halatlarda öz-özüni bejermek bilen meşgullanýar, beýle ýagdaýda, olar derman serişdeleriniň dürli görnüşlerini, şol sanda MGDS hem ulanýar.

2016-njy ýylda "Dermanlar bilen üpjünçilik hakynda" Türkmenistanyň Kanuny güýje girdi, ol dermanlar bilen üpjünçilik ulgamynda ýüze çykýan gatnaşyklaryň, şol sanda, MKDS-niň ulanylmagy bilen baglanyşykly meseleleriň hem döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmeginiň hukuk we guramaçylyk esasynyň kämilleşdirilmegine gönükdirilen.

Antibiotikleriň rejeli ulanylmagynyň, olaryň bellenilmegine we goýberilmegine gözegçiligi girizmek bilen döwlet syýasatynyň işlenip

taýýarlanylmagynyň zerurlygy ýüze çykdy, bu bolsa kanunçylyk namalaryna goşmaçalaryň girizilmegini talap edýär.

Durnuklylyk meseleriniň barlygyny nazara almak bilen, tabşyryk boýunça hünärmenleriň netijeli milli pudagara toparlarynyň döredimegi, goşulmalary ornaşdyrmagyň we olara gözegçilik etmegiň üstünlikli bolmagy üçin aýgytlaýjydyr diýlip hasap edilýär. Şeýle hem halkara pudagara hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň bolmagy hem zerurdyr.

Milli strategiýasyny we olary durmuşa geçirmek üçin hereketleriň meýilnamasyny işläp taýýarlamak, meseleleriň görkezilmegine we durnuklylygy haýallatmak üçin çäreleriň görülmegine we bilimlerde bar bolan ýetmezçilikleriň üstüniň dolunmagyna gönükdirilen barlaglaryň geçirilmegine mümkinçilik berer.

## Türkmenistanda mikroblara garşy dermanlara durnuklylygyň meseleleri boýunça ýagdaýyň seljermesi

MGDD döremegi ulgamynda meýilleşdirilýän we ýerine ýetirilýän çäreleriň netijeliligi üçin, ýagdaýyň çuňlaşdyrylan seljermesini geçirmeli, ol milli strategiýany durmuşa geçirmek üçin esasy ugurlary ýüze çykarmaga mümkinçilik berer. Şu aşakdakylar ýaly, esasy maksatly görkezijileri boýunça maglumatlary öwrenmeli:

- Esasy ýokanç keselleriň ýaýraýyşy (hassahanalaryň içinde we hassahanalardan daşarda döreýän ýokançlar, çagalarda, ulularda).
- ISGAK/ hassahana saglygy goraýyş kömeginiň derejesinde ýygy anyklanylýan esasy on sany ýokanç keselleri kesgitlemek.
- ISGAK/ hassahana saglygy goraýyş kömeginiň derejesinde has ýygy bellenilýän MGDS.
- ISGAK/ hassahana saglygy goraýyş kömeginiň derejesinde kömek berlende MGDS bellemegiň ortaça dowamlylygy.
- TSGweDSM-niň buýrugy bilen tassyklanylan, giňişleýin ýaýran ýokanç kesellerini bejermegiň standartynyň (kliniki protokollarynyň) bolmagy.
- ISGAK derejesinde we hassahana saglygy goraýyş kömeginiň ulgamynda dermanlaryň bellenilmeginiň ýerlikliligine hemişelik hereket edýän gözegçilik ulgamynyň bolmagy.
- Mikrobiologiki peýzaž we esasy patogenleriň mikroblara garşy MGDB boýunça maglumatlaryň bolmagy.
- Ýurtda öndürilýän we import boýunça getirilýän MGDS ady we göwrümi.
- Ýurtda dermanhanalarda bölek söwdada ýerlenilýän MGDS ady we göwrümi.

- MGDS tutuş zynjyrynda, ýagny öndürilenden tä alyja gelip gowuşýança hiline gözegçilik.
- MGDS mahabat edilişine döwlet gözegçiligi.
- Saglygy goraýyş işgärleriniň, ilatyň ýokanç keseller we mikroblara garşy rejeli bejergi barada habarlylygy.

**3-nji bölüm. Milli strategiýanyň maksatlary we wezipeleri, durmuşa geçirmegiň esasy ugurlary.**

Milli strategiýa mikroblara garşy dermanlara durnuklylygy haýallatmak boýunça BSGG-nyň Global strategiýasynyň maslahatlaryna, strategiýany durmuşa geçirmegiň tehniki, maliýe, bilim beriş jähtlerini nazara alýan, antibiotiklere durnuklylyk meselesi boýunça Ýewropanyň hereketleriň strategiki meýilnamasynyň strategiki maskatlaryna esaslanýar.

Strategiýanyň mazmuny adamlarda jemlenýär, hereketler bolsa, şu meselä çekilen adamlaryň toparynda jemlenýär, we çözgüdiň bölegi bolmak möhüm bolanlara, ýagny dermanlary belleýänlerde we farmasewtlerde, weterinarlarda, alyjylarda, saglygy goraýyşda we oba hojalygynda syýasaty işläp taýýarlaýjylarda we farmasewtika senagatynda jemlenýär.

Strategiýa anyk kesele çemeleşmäniň üsti bilen däl-de, umuman mikroblara garşy dermanlara durnuklylyga gönükdirilýär, we hususan hem bakteriýalara garşy derman serişdelerine durnuklylygynda jemlenýär. bu hereketleri özleşdirmegiň ileri tutulýan meselelerini ýeri-ýerinde goýmak milli hakykatlara laýyklykda ýerine ýetirilmelidir. mikroblara garşy dermanlaryň ulanylmagyny gowulandyrmak, durnuklylygy haýallatmaga edilýän synanyşmalarda ilkinji nobatda ýerine ýetirilýän hereket bolmalydyr. Bu elýeterliligiň gowulanmagyny we özüni alyp barşynyň üýtgemegini göz öňünde tutýar, beýle üýtgeşmeler bolsa wagtyň berilmegini talap edýär.

**Esasy maksat:**

*<u>Mikroorganizmleriň mikroblara garşy durnuklylygynyň döremegini we ýaýramagyny haýallatmak, mikroblara garşy dermanlaryň netijeliligini saklamak.</u>*

**Wezipeler:**

1. MGD epidemiologiki gözegçiligiň milli ulgamyny döretmek.
2. Jemgyýetçilik saglygy goraýyşda we weterinariýa gullugynda MGDS rejeli ulanmak üçin şertleriň döredilmegi boýunça çäreleri ornaşdyrmak.
3. MGDS mukdar taýdan ulanylyşyna baha berişi geçirmek.
4. MGDS hiline gözegçilik edýän ulgamy kämilleşdirmek.
5. Durnuklylygyň döremeginiň meseleleri barada lukmançylyk habar beriş ulgamyny döretmek we saglygy goraýyş hünärmenleriniň we ilatyň arasynda we MGDS rejeli ulanmagy wagyz etmek.

**4-nji bölüm. Milli strategiýany durmuşa geçirmegiň esasy ugurlary.**

Mikroblara garşy dermanlara durnuklylygy haýallatmak boýunça BSGG-nyň Global strategiýasynyň näsaglara we umuman ähli ilata gönükdirilýänligini nazara almak bilen; lukmanlara we dermanlaryň distribýuterlerine; jemgyýetçilik saglygy goraýyşyň işgärlerine we saglygy goraýşyň guramaçylaryna; oba hojalygynda mikroblara garşy dermanlaryň alyjylaryna; alymlara we barlagçylara; farmasewtiki senagatyna; halkara agentliklerine we hünärmenlik jemgyýetlerine we Saglygy Goraýyşyň Bütindünýä assambleýasynyň Altmyş ýedinji we altmyş sekizinji sessiýalarynyň çözgütlerini nazara almak bilen, şeýle hem antibiotiklere durnuklylygyň meseleleri boýunça hereketleriň Ýewropa strategiki meýilnamasynyň düzgünlerine eýermek bilen, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi aşakdaky esasy meselelerde ünsi jemlemek zerur diýip hasap edýär:

1. Ýokanç keselleriň öňüni almak we olara gözegçilik etmek.
2. MGDD derejesine gözegçiik etmek.
3. MGDS elýeterliligine gözegçiik etmek.
4. MGDS rejeli ulanmak.

**5-nji bölüm. Milli strategiýany durmuşa geçirmegiň çäreleri.**

Meseläniň wajyplygyny nazara almak bilen, TSG we DSM mikroblara garşy durnuklylygyň ýüze çykmagyna garşy göreşmek boýunça milli resminamalary we meýilnamalary işläp taýýarlamak boýunça pudagara toparyny döretmegi teklip edip çykyş etdi. Topar öz içine TSG we DSM-niň dürli bölümlerinden, weterinariýa gullugyndan we akademiki sektordan wekilleri alýar. Gelejekde toparyň düzümini giňeltmek meýilleşdirilýär.

Klinisistleriň we barlaghana hünärmenleriniň, şeýle hem farmasewtleriň arasyndaky özara gatnaşyklaryň berkidilmegine ägirt uly üns berilýär. Ýokarda görkezilen ugurlaryň çäklerinde we ugrunyň ýöriteleşigini nazara almak bilen olara laýyklykda dürli çäreleriň geçirilmegi meýilleşdirilýär.

**5.1. Ýokanç keselleriň öňüni almak we olara gözegçilik etmek.**

Şu ugruň çäklerinde meýilleşdirilýär:

- Ýokançlara gözegçiligiň ulgamynda we HIÝÇÝ-yň (hassahanalaryň içinde ýüze çykýan ýokançlar) ýüze çykmagynyň öňüni almakda häzirki zaman maslahatlaryň we çäreleriň ornaşdyrylmagyny üpjün etmek bilen bejeriş-öňüni alyş edaralarynyň şertlerinde ýokançlara gözegçiligiň maksatnamalaryny berkitmek.
- BÖAE-da ýokançlara gözegçilik komitetleriniň (ÝGK) wezipelerini giňeltmek we işlerini güýçlendirmek. Şol sanda, durnuklylygyň döremegine gözegçilik

edilmeginde kliniki farmakologyň wezipesini kesgitlemek we işlerini berkitmek.

- Ýokançlara gözegçilik ulgamynda kadalaşdyryjy namalara gaýtadan seretmek/täzelemek/işläp taýýarlamak.
- Ýokançlara gözegçiligiň soraglary we HIÝÇÝ-iň döremeginiň öňüni alyş çäreleri boýunça okuw treninglerini geçirmek.
- Näsaglara ýokançlaryň maşgalada, ýa-da jemgyýetde ýokuşmasynyň öňüni almak we peseltmek üçin ýeňiljek çäreleri öwretmek, ýagny, öňüni alyş sanjymlary almak, elleri ýuwmak, iýmitiň gigiýenasy we başg. boýunça.
- Sanjymlar bilen gurşalyp alynmagyny we keselleriň öňüni almak boýunça başga çäreleri köpeltmek, şeýlelik bilen, Bakteriýalara garşy derman serişdeleriniň ulanylmagyna bolan zerurlygy azaltmak

**5.2. Mikroblara garşy durnuklylygyň derejesine gözegçilik etmek**

Bu ugruň çäklerinde meýilleşdirilýär:

- Ýokançlaryň döredijilerinde durnuklylygyň ýüze çykmagy we dinamikasy boýunça maglumatlary ýygnamak, seljermek we bermek üçin niýetlenilýän MGDD epidemiologiki gözegçiligiň, şol sanda durnuklylygyň täze ýüze çykýan faktlary barada habar berilmegini bilen milli ulgamyny döretmek.
- MGDD netijeli epidemiologiki gözegçiligi geçirmek üçin we MGDS sarp edilişine monitoring edýän ulgamyň döredilmegini üpjün edýän, MGDS rejeli ulanmak boýunça milli maslahatlaryň işlenip taýýarlanylmagyny üpjün edýän, olaryň berjaý edilmegine gözegçilik etmek üçin milli düzgünleriň işlenip taýýarlanylmagyny üpjün edýän utgaşdyryjy mehanizmi üpjün etmek.
- MGDD boýunça barlaglary geçirmegiň ulgamynda mikrobiologiki barlaghanalaryň üç derejeli ulgamynyň hereket etmegini ýola goýmak. MGD barlaglary boýunça barlaghanalaryň ulgamyny döretmek.
- Tassyklanylan kliniki protokollara laýyklykda MKDS duýgurlygyna barlaglaryň geçirilmegini üpjün etmek.
- Kliniki we mikrobiologiki barlaghnalaryň potensialyny berkitmek (hassahanalarda, AweKÝGGG-da, AHÝKÖAM-de, ylmy-barlag barlaghanalarynda, iýmit önümlerini barlamak boýunça barlaghanalarda)
- MGDD meseleleri boýunça ylmy-usulýet merkezi – Referens barlaghanasy hökmünde, degişli tehniki taýdan enjamlaşdyrylan we funksional mümkinçilikleri tarapyndan has gabat gelýän barlaghanany kesgitlemek, onuň üstüne durnuklylygy kesgitlemek boýunça beýleki tabynlygyndaky mikrobiologiki barlaghanalaryň işini utgaşdyrmak we daşky gözegçilik boýunça wezipeleriň ýerine ýetirilmegini, usulýet maslahatlarynyň işlenip taýýarlanylmagy, maslahat beriş kömeginiň berilmegi, okuw treningleriniň geçirilmegi, MGDD boýunça geçirilýän barlaghana barlaglaryna degişli

maglumatlaryň ýygnalmagy we maglumatlar binýadynyň döredilmegi wezipelerini ýerine ýetirmegi ýüklemek.

- Epidemiologiki gözegçilige milli derejede jogap berýän edaralar tarapyndan ulanylyp biljek maglumatlary ýygnama, anyk gurallary we standartlary ýygnama ulgamyny işläp taýýarlamak, we şeýle hem maglumatlaryň sebitleýin binýatlarynda elýeterli bolup biljek, mysal üçin CEASAR üçin elýeterli bolup biljek maglumatlaryň berilmegini üpjün etmek.
- Barlaghana anyklaýyşyny kämilleşdirmek maksady bilen, BÖAE-da, kliniki materialy almagyň, saklamagyň, daşamagyň we onuň barlaglaryny geçirmegiň düzgünlerini unifisirleýän usulýet resminamasyny işläp taýýarlamak.
- Durnuklylygyň döremegine we ýaýramagyna derňewleri geçirmegiň meselelerinde, ýeke-täk gurluş hökmünde ýurtda hereket edýän mikrobiologiki anyklaýyş barlaghanalarynyň işlerini sazlaşdyrmak.
- Mikroblara duýgurlyga mikrobiologiki barlaglaryň geçirilmegi ulgamynda, häzirki zaman halkara talaplaryna jogap berýän kadalaşdyryjy-hukuk namalaryny, düzgünnamalary, gözükdirijileri, usulýet gollanmalaryny işläp taýýarlamak.
- Mikroorganizmleriň MGDS-ne duýgurlygyny kesgitlemegiň ähli tapgyrlarynda ýeke-täk usulýeti we berk standartlary işläp taýýarlamak we tejribede ornaşdyrmak.
- MGDS-ne duýgurlygy kesgitlemek hadysdasyna goşulan ähli anyklaýyş barlaghanalaryny, işleriň hiline gözegçilik etmek üçin referent ştammlar bilen, ähli zerur serişdeler, reaktiwler we häzirki zaman barlaghana enjamlary bilen üpjün etmek.
- Monitoringi merkezleşdirmek we maglumatlaryň ýeke-täk binýadyny döretmek maksady bilen, MGDD barlaghana anyklaýyş ulgamynda geçirilen bakteriologiki barlaglarynyň netijeleri boýunça standartlaşdyrylan hasabatlylygyň shemasyny işläp taýýarlamak we tejribede ornaşdyrmak.
- Maglumatlar binýadyny döretmek, monitoringi geçirmek, maglumatlaryň tutuş ýurduň çäklerinde wagtynda berilmegi we alynmagy üçin, mikrobiologiki barlaghanalaryny enjamlar bilen we ýeke-täk programma üpjünçiligi bilen enjamlaşdyrmak, maglumatlar binýadyny döretmek we olary ýeke-täk elektron ulgamyna birikdirmek, elektron maglumatlaryny mikrobiologiki barlaghana gulluklaryndan elektron ulgamyna berilmegini üpjün etmek.
- BSGG-nyň goldaw bermeginde milli Referens-barlaghanasy üçin maslahat beriş-usulýet goldawyny bermek we daşky gözegçiligi guramak boýunça, MGDD meseleleri boýunça hyzmatdaşlyk edýän merkezi (HM) kesgitlemek.

- Durnuklylygyň derejesine gözegçilik etmek boýunça çäreleriň durmuşa geçirilmegi meseleleri boýunça hünärmenleriň degişli toparlary üçin okuw treninglerini geçirmek.

**5.3. Mikroblara garşy derman serişdeleriniň elýeterliligine gözegçilik**

- Türkmenistanyň derman serişdeleri hakynda Kanunyny herekete girizmek boýunça çäreleri işläp taýýarlamak, olarda MGDS diňe lukmanyň dermannamasy boýunça goýberilmegi, şeýle hem mahabat işleri we MGDS täjirçilik taýdan öňe sürülmegi düzgünleşdiriler.
- MGDS-ni ýaýratmak boýunça (şol sanda import, eksport we ýerlemek) maglumatlary ýygnamak we hasabatlylyk boýunça dermanlary öndürijiler we farmasewtika kompaniýalar üçin talaplary girizmek.
- MGDS-ni ýaýratmak boýunça (şol sanda import, eksport we ýerlemek) maglumatlaryň ýygnalmagy we seljerilmegi üçin milli derejesinde jogapkär utgaşdyryjy bellemek.
- Diňe hiliň, howpsuzlygyň we netijeliligiň standartlaryna jogap berýän, MGDS-niň satiwyna rugsatnamalaryň alynmagyny üpjün etmek.

**5.4.Mikroblara garşy dermanlary rejeli ulanmak we olaryň ulanylmagyna gözegçiligi güýçlendirmek:**

**5.4.1. Näsaglaryň, ilatyň habarlylygy, howpsuzlygy.**

- Adamlaryň özüni alyp baryşyny üýtgetmek boýunça milli bilim beriş çärelerini, kampaniýalary we jemgyýeti habarly etmek we habarlylygyny ýokarlandyrmak boýunça dürli maksatnamalary amala aşyrmak.
- Ilaty, şol sanda KHBS-ni ulanmak bilen MGDS durnuklylyk meseleleri, olaryň rejeli ulanylmagy barada, öz-özüni bejermegiň ýetirýän zyýany barada giňişleýin we yzygiderli habarly etmek.
- Şu meselä ünsi çekmek maksady bilen dürli aksiýalary geçirmek.

**5.4.2. Saglygy goraýyş işgärleriniň arasynda bilim beriş işlerini geçirmek**

- Bilim beriş standartynyň çäklerinde MGDS rejeli ulanylmagyna bagyşlanan sagatlaryň göwrümini we sanyny köpeltmek.
- Diploma çenli bilim almagyň tapgyrynda MGDS rejeli ulanmak boýunça maksatlaýyn bilim beriş kursuny girizmek.
- TEDSMS we TDSMF esaslanýan, we MGDS rejeli ulanmak boýunça kliniki maslahatlara esaslanýan, diplomdan soňky bilim alyş ulgamy üçin MGDS rejeli ulanmagyň ulgamynda ýöriteleşdirilen maksatnamalary işläp taýýarlamak.

- Saglygy goraýşyň ähli pudaklarynyň saglygy goraýyş işgärleriniň bilim beriji çäreleri bilen gurşalyp alynmagyny giňeltmek.

**5.4.3. Farmasewtiki işgärleriniň arasynda bilim beriş işlerini geçirmek**

  - Bilim beriş standartynyň çäklerinde MGDS rejeli ulanylmagyna bagyşlanan sagatlaryň göwrümini we sanyny köpeltmek.
  - Diploma çenli bilim almagyň tapgyrynda MGDS rejeli ulanmak boýunça maksatlaýyn bilim beriş kursuny girizmek.

- Diplomdan soňky bilim alyş ulgamy üçin MGDS rejeli ulanmagyň ulgamynda ýöriteleşdirilen maksatnamalary işläp taýýarlamak.
- Tejribede işleýän farmasewtleriň we prowizorlaryň bilim beriji çäreleri bilen gurşalyp alynmagyny giňeltmek.

**5.4.4. Ambulatoriýa şertlerinde we hassahanalarda bejergini standartlaşdyrmak:**

- Türkmenistanyň esasy derman serişdeleriniň Milli sanawyny (TEDSMS) we Türkmenistanyň derman serişdeleriniň Milli formulýaryny (TDSMF) yzygiderli täzelemek.
- Ambulatoriýa we hassahana tejribesinde giňden ýaýran ýokanç keselleriň bejergisinde ulanylýan MGDS-ni rejeli ulanmak boýunça kliniki protokollary (KP) işläp taýýarlamak we olary kadalara laýyklykda tassyklamak.
- Ambulatoriýa we hassahana tejribesinde giňden ýaýran ýokanç keselleriň bejergisinde ulanylýan MGDS-ni rejeli ulanmak boýunça kliniki protokollary tejribede ornaşdyrmak boýunça ähli işleýän lukmanlar üçin okuw seminarlaryny geçirmek.
- Ähli tejribede işleýän lukmanlary, şeýle hem prowizorlary ýokarda görkezilen kadalaşdyryjy resminamalar bilen üpjün etmek.
- Tejribede MGDS-ni bellemegiň, şol sanda tassyklanylan KP laýyklykda olaryň mukdaryny we ulanyş shemasynyň dogrulygyna gözegçiligi geçirmek.
- Saglygy goraýyş edaralarynyň çäklerinde MGDS-niň rejeli ulanylmagyny üpjün etmek boýunça komitetleri döretmek ýa-da jogapkär hünärmenleri bellemek.

**5.4.5. Weterinariýada we oba hojalygynda ulanylýan antibiotiklere durnuklylygyň ýüze çykmagynyň we ýaýramagynyň öňüni almak:**

- Oba hojalygynda we öý haýwanlarynda MGDD ýaýraýyşyny we MGDS ulanylyşyny öwrenmek.
- Weterinariýada we oba hojalygynda ösüşiň stimulýatorlary hökmünde antibiotikleriň ulanylmagyny ýatyrmagyň meseleleri boýunça halkara

talaplaryna we standartlaryna laýyklykda kadalaşdyryjy-hukuk düzgünleşdirilmesini güýçlendirmek.

- Diňe weterinardan dermannamanyň bolan ýagdaýynda, haýwanlarda antibiotikleriň ulanylmagyna elýeterliligiň ulgamyny döretmegiň mümkinçiligini öwrenmek.
- Antibiotiklere durnuklylyga gözegçiligiň integrirlenen ulgamlaryny (adam, haýwanlar we iýmit önümleri babatda), şeýle hem oba hojalyk mallarynda antibiotikleriň ulanylmagyna gözegçilik etmegiň integrirlenen ulgamyny döretmek.
- Weterinariýa gullugynyň hünärmenleriniň bilim beriji çäreleri bilen gurşalyp alynmagyny giňeltmek.
- Iýmit önümleriniň howpsuzlygyna gatnaşygy bar bolan dürli gulluklaryň we pudaklaryň hünärmenleri üçin, iýmit zynjyrynyň üsti bilen MGDD-nyň ýaýramagynyň öňüni almak we gözegçilik etmek boýunça bilim beriji çäreleri bilen gurşalyp alynmagyny giňeltmek.
- AGDS (antibakterial derman serişdeleri) bildirilýän islegleri azaltmak maksady bilen, degerli gigiýena çäreleriniň we ýokançlara gözegçilik etmegiň çäreleriniň berjaý edilmegine höweslendirmek.
- Şu ugur boýunça pudagara, şeýle hem halkara hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny berkitmek.

## 6-njy bölüm. MAKSATNAMANY DOLANDYRMAK WE DURMUŞA GEÇIRMEGIŇ MEHANIZMI

Strategiýany durmuşa geçirmek boýunça guramaçylyk-ýolbaşçylyk etmek işi TSG we DSM-niň ýanynda döredilen MIT üstüne ýüklenilýär. Gelejekde onuň düzümini giňeltmek, gyzyklanýan pudaklary işe çekmek, pudagara utgaşdyryjy komitetini (PUK) döretmek meýilleşdirilýär.

MIT-nyň üstüne MGDS durnuklylygyň döremegini haýallatmak we olaryň rejeli ulanylmagy meseleleri boýunça saglygy goraýyş edaralarynyň işini utgaşdyrmak ýüklenilýär.

MIT-nyň borçlaryna girýär:

- MS durmuşa geçirmegiň meýilnamasynyň netijeli durmuşa geçirilmegi boýunça degişli işleri işjeň geçirmek.
- MGDS-niň ulanylmagyny düzgünleşdirmegiň syýasatynyň utgaşdyrylmagyny amala aşyrmak.
- MGDS-niň netijeliligini saklamak we olara durnuklylygyň döremeginiň öňüni almak maksady bilen, MGDS-niň ulanylmagyny çäklendirmek boýunça çäreleriň durmuşa geçirilmegi, durnuklylygyň ýaýramagynyň çaklamasyny taýýarlamak, ýaýramagynyň ýagdaýy boýunça maglumatlary

taýýarlamak hukugy bilen, dermanlara durnuklylygyň döremegine gözegçiligi utgaşdyrmak, monitoing we gözegçilik geçirmek.
- MS durmuşa geçirmek boýunça çäreleriň Meýilnamasy boýunça gazanylan çäreleri we durmuşa geçirilmeginiň gidişini ara alyp maslahatlaşmak üçin mejlisleriň yzygiderli geçirilmegini guramak.
- MS durmuşa geçirmegiň çäreleriniň meýilnamasynyň ornaşdyrylmagyna monitoringi we baha berişi geçirmek, seljermeleri geçirmek, MS netijeli durmuşa geçirmekde çözgütleriň kabul edilmegi üçin we bellenilen maksatlaryň gazanylmagy üçin netijeleri çykarmak.

